# Aralygy ýigrendim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Aralygy ýigrendim Baýram JÜTDIÝEW

▶ ARALYGY ÝIGRENDIM

Ne-hä hamyr, ne petir ~ aralygy ýigrendim,
Iki dilli, on ýüzli alalygy ýigrendim,
Owaldan tüýsi bozuk bir gendäni ýigremdim,
Il başyna musallat şermendäni ýigrendim,
Ýa Ýaradan aman ber ~ şükürim kändir meniñ.

Ýagly-ýagly ýylmanak tumşuklary ýigrendim,
Diñs gabyr düzetjek gyşyklary ýigrendim,
Tañrysy gara nebsi ~ ýorgalary ýigrendim,
Häkimleri aýnadan halwalary ýigrendim,
Ýa Ýaradan aman ber ~ şükürim kändir meniñ.

Rysgy haramdan rowaç ojaklary ýigrendim,
Çem gelen sokjap duran bujaklary ýigrendim,
Ýeriñ pestini peýlän kümsükleri ýigrendim,
Hiç dereje görmedik egsikleri ýigredim,
Ýa Ýaradan aman ber ~ şükürim kändir meniñ.

Agzyny ýelden alan ýañralary ýigrendim,
Ýeldirgäp oýnap ýören telbeleri ýigrendim,
Haçan görseñ algulu dellallary ýigrendim,
Özün bazara salan hammallary ýigrendim,
Ýa Ýaradan aman ber ~ şükürim kändir meniñ.

Sakgalny öñe tutýan imansyzy ýigrendim,
Bihaýa öwrüm edýän ýeser gözi ýigrendim,
Ýumşamany bilmeýän ýürekleri ýigrendim,
Çaýkanyp üýtgäp giden palaklary ýigrendim,
Ýa Ýaradan aman ber ~ şükürim kändir meniñ.

Öz öýüne sygmaýan kürsülini ýigrendim,

Ilim kemini görýän dürbülini ýigrendim,
Owaz ýerne geçmese, owazymy ýigrendim,
Namart ýerim bar diýip, öz-özümi ýigrendim,
Ýa Ýaradan aman ber ~ şükürim kändir meniñ. Goşgular